№ 14 (97)
04.04.2022




«Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ SPORT WE ÝAŞLAR SYÝASATY MINISTRLIGI

**Bütindünýä saglyk gününiň bosagasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnama kabul edildi.**





# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

● **28.03.2022 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasarynyň, Aşgabat şäheriniň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi.

● **28.03.2022 ý.** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly rezolýusiýanyň kabul edilmegine hem-de Türkmenistanyň BMG-niň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň (UNCITRAL) agzalygyna 2022-2028-nji ýyllar döwri üçin saýlanylmagyna bagyşlanan brifing geçirildi.

● **29.03.2022 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara foruma gatnaşyjylary gutlady. Gutlagyň doly teksti gündelik metbugatda çap edildi.

● **29-30.03.2022 ý.** Paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Türkmenistanyň nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forum geçirildi.

● **31.03.2022 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Mejlisiň dowamynda döwlet durmuşyna degişli wajyp meselelere we milli ykdysadyýetimiziň binýatlyk pudaklarynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine gönükdirilen resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

● **01.04.2022 ý.** Hindistan Respublikasynyň Prezidenti Ram Nath Kowind Türkmenistana döwlet sapary bilen geldi.

● **02.04.2022 ý.** Aşgabatda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we ýurdumyza döwlet sapary bilen gelen Hindistan Respublikasynyň Prezidenti Ram Nath Kowindiň arasynda gepleşikler geçirildi.-

**«7/24.tm»**

# ÜÇ SOWALYŇ BIR JOGABY

● Zeminiň myhy hasaplanýan daglara baksak, belentlik hakyndaky pikirler hakyda dolar. Şol pursatda owazasy dünýä dolan Watanymyzyň at-abraýynyň barha belende galýandygy hakynda buýsanç bilen oýlanýarsyň.

Bulutlar bilen bezelip, ýyldyzlar bilen jäheklenen asmana garasaň, ümmülmez giňişlik göz öňüňde peýda bolar. Bu pursatda Türkmenistanyň ekologiýa baradaky taslamalara işjeň gatnaşyp, bu babatdaky başlangyçlary Ýer ýüzüne ýaýran döwletdigine guwanýarsyň.

Daglardan we asmandan soň gezegi deňizlere bersek, olaryň çuňluk bilen häsiýetlendirilýändigini aýdyp bileris. Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur pähim-paýhasyndan gözbaş alan tutumly işler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mynasyp dowam etdirilýär.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň kabul eden Kararnamasy bilen bagly habar ýokarda aýdylanlaryň üstüni ýetirýär. «Ol nähili habar?» diýen sowalyň jogaby Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 25-nji martdaky mejlisinde berildi. Indi gönüden-göni taryhy çözgüde geçsek, Türkmenistanyň başlangyjy bilen, şu ýylyň 15-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasy özüniň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamany kabul etdi. Dünýä döwletleriniň 62-si Milletler Bileleşiginiň ähli agza ýurtlary tarapyndan biragyzdan kabul edilen bu Kararnamanyň döredijileri boldular. Şeýle-de, Baş Assambleýanyň ýokarda agzalan mejlisinde Türkmenistan BMG-niň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň (UNCITRAL) agzalygyna 2022 — 2028-nji ýyllar döwri üçin saýlandy.

***

— Sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek üçin näme etmeli?

— Bedenterbiýe bilen meşgullanmaly.

— Daşky gurşawy goramaga goşant goşmak diýmek näme?

— Ozaly bilen ýaşyl zolaklary döretmek.

— Sportda gazanylýan üstünlikler diýilse, ilki bilen haýsy ýaryş göz öňüne geler?

— Olimpiýa oýunlary.

Welosport sportuň giňden ýaýran görnüşleriniň biri bolmak bilen, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerijiler weloýörişleri hemişelik hemra edindiler. Soňky ýyllarda Türkmenistanda her bir iri çäräniň, hususan-da, sport we saglyk bilen bagly baýramlaryň we şanly seneleriň welosipedli ýörişler bilen dabaralandyrylýandygyny aýtmak gerek. Munuň özi daşky gurşawy goramak bilen bagly başlangyçlara mynasyp goşantdyr. Sportuň Olimpiýa görnüşleriniň düzümine welosportuň onlarça görnüşiniň girizilendigi bolsa, onuň bütin dünýäde giňden ýaýrandygyny äşgär edýär. Indi ýokardaky sowallaryň jogabyny ýatlasaňyz, welosiped bilen bagly başlangyçlaryň şol jogaplaryň her biriniň üstüni ýetirip biljekdigine göz ýetirersiňiz. Çünki bu günki günde ata Watanymyzda bedenterbiýäni we sporty dünýä derejesinde ösdürmek, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini rowaçlandyrmak bilen ynsan saglygyny pugtalandyrmak, şeýlelikde, sagdyn we ruhy taýdan kämil ýaşlary kemala getirmek üçin yzygiderli alada edilýär. Bu işde welosportuň we welosipedli gezelençleriň uly ähmiýete eýedigini aýtmaga zerurlyk ýok. Çünki welosport diňe sport däldir. Ol hem saglykdyr, hem ekologiýa goşantdyr hem-de üstünligiň gözbaşydyr.

**Hojaberdi APBAÝEW,**
**«Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň**
**baş redaktory.**

# HALKARA FORUM

▲ Aşgabat şäherindäki «Ýyldyz» myhmanhanasynda Türkmenistanyň nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forum geçirildi. Bu halkara forumyň 2022-nji ýylyň 29-njy martynda açylyş dabarasy boldy.

Foruma dünýäniň 32 döwletinden kompaniýalaryň 90-synyň wekilleri gatnaşdylar. Foruma gatnaşýanlaryň düzümi dünýäniň işewür toparlary tarapyndan ýurdumyza maýa serişdelerini gönükdirmäge gyzyklanma bildirýänleriň sanynyň artýandygyny görkezýär. Halkara forumyň açylyş dabarasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň oňa gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy.

«Bütindünýä energetika ulgamynyň geljegi» mowzugynda geçirilen halkara maslahatyň plenar mejlisinde türkmen tarapynyň wekili ýurdumyzyň Aziýanyň nebitgaz bazarynda möhüm orun eýeleýändigini belledi. Häzirki wagtda biziň ýurdumyz tebigy gazyň subut edilen gorlary boýunça Russiýadan, Eýrandan we Katardan soňra dördünji orny eýeleýär.

Soňra forumyň işi «EKSPO — 2020» bütindünýä sergisinden (Dubaý, BAE) teleköpri arkaly alnyp görkezilişi bilen dowam etdi. Şol bir wagtyň özünde Aşgabat bilen «Sebitdäki energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde Türkmenistanyň orny» atly mejlis guraldy. Forumyň birinji gününiň ahyrynda oňa gatnaşyjylar şeýle çäreleriň geçirilmeginiň dowam etdirilmelidigini aýtdylar. Forumyň ikinji gününde dünýäniň nebitgaz kompaniýalarynyň toplan tejribeleriniň we täze işläp taýýarlamalarynyň tanyşdyrylyşy boldy.

Halkara möçberli forum «Türkmengaz», «Türkmennebit» we «Türkmenhimiýa» döwlet konsernleri, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy «Türkmen Forum» hojalyk jemgyýeti bilen hyzmatdaşlykda, «Gaffney Cline» britan kompaniýasynyň goldaw bermeginde guraldy.

**Altyn HUDAÝBERDIÝEWA,**
**Ý.Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.**




## SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bedenterbiýe we sport ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak boýunça giň möçberli işler alnyp barylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň halkara giňişliginde alyp barýan daşary syýasaty bütin dünýäde gyzgyn goldaw tapýar.

Sportuň ekologiýa görnüşi hasaplanýan welosport dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma eýe boldy. Şeýlelikde, Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2022-nji ýylyň 15-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnama kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow özüniň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisindäki taryhy çykyşynda 2018-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakyndaky Kararnamasynyň hem Garaşsyz ýurdumyzyň başlangyjy boýunça hödürlenendigini belledi.

Bütindünýä welosiped gününi ebedileşdirmek maksady bilen, «Welosiped» binasynyň açylmagy Türkmenistanda ulagyň ýokary ekologiýa görnüşi hasaplanýan welosipede berilýän uly ähmiýetiň aýdyň güwäsi boldy.

Gahryman Arkadagymyzyň düýbüni tutan beýik tutumlarynyň dowamatyny dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň durmuşa geçirilmegini, şeýle-de giň halk köpçüligine wagyz-nesihat işleriniň amala aşyrylmagyny talabalaýyk üpjün etmek üçin jan aýaman zähmet çekjekdigimizi ynandyrýarys.

**Döwletgeldi HANGELDIÝEW,**
**Aşgabat şäheriniň Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň 15-nji sport mekdebiniň müdiri.**

# GOOD NEWS

● On March 25, 2022, President Serdar Berdimuhamedov held a meeting of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan via videoconference to approve the new members of the Government, discuss current issues of public life and consider a number of draft documents.

The President also noted that Turkmenistan attaches great importance to strengthening strategic partnerships with the UN. In this regard, the President said Turkmenistan received two good news from the 61st plenary meeting of the 76th session of the UN General Assembly on March 15.

The Resolution «The integration of bicycling into public transport systems for sustainable development», co-sponsored by 62 states, was unanimously adopted at the initiative of our country.

As is known, cycling is an eco-friendly sport that plays a great role in promoting human health. In Turkmenistan, the number of people who begin to actively practice cycling is increasing with every passing year. Cycling also brings great emotional pleasure, allows getting in touch with nature, exploring the surrounding world and learning more about the native land by visiting its wonderful regions.

The President emphasised that in 2018, the United Nations General Assembly adopted the resolution to declare June 3 World Bicycle Day at the initiative of Turkmenistan.

Another good news is that Turkmenistan was elected to the UN Commission on International Trade Law for 2022-2028. This significant event will raise the authority of the sovereign Motherland.

**Translated by Bayramgylych ORAZGELDIEV,**
**A lecturer, Turkmen Agriculture University**
**named after S. A. Niyazov.**

# DABARALY MASLAHAT

● Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda dabaraly maslahat geçirildi. «Halk, Döwlet, Prezident, demokratiýa, parahatçylyksöýüjilik, döredijilik we ösüş ýoly bilen belent maksatlara tarap» şygar astynda geçirilen maslahat ýokary okuw mekdebiniň mejlisler zalynda guraldy.

Talyplaryň we mugallymlaryň işjeň gatnaşmagynda geçirilen duşuşykda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymlary G.Sähedow, A.Annamyradow, H.Nurmyradow, Ç.Sylapow, A.Gurbanmämmedow, B.Mämmetgulyýew, A.Agajanowa, S.Nurmyradow, S.Durdylyýew, N.Täçmuhammedow we Aşgabat şäheriniň il sylagly ýaşulusy G.Gurbanow dagylar çykyş etdiler.

Dabaraly maslahat Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň «Sagdyn nesiller» aýdym-saz toparynyň çykyşlary bilen tamamlandy.

**Çemen BAÝRAMOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe**
**we sport institutynyň mugallymy.**

# MILLI YKDYSADYÝETIŇ BATLY GADAMLARY

●●● «Türkmenistandan Gazagystanyň üsti bilen ugradylan konteýner ýükli otly bäş günden Hytaýa bardy» diýip, www.turkmenistan.gov.tm saýty habar berdi. Habarda bellenilişine görä, «Konteýner ýükli otluda gips ýüklenen konteýnerleriň 42-si bar. Türkmenistandan we Gazagystandan ýüküň bellenilen ýerine çenli uzaklygy 4150 kilometre barabardyr. Şol menziliň 3450 kilometri Gazagystanyň içinden geçýär». Türkmenistan döwrebap logistika arkaly tutuş Ýewraziýa giňişligini birleşdirmäge çalyşýar. Şeýlelikde, ata Watanymyzda tutuş Ýewraziýa yklymynda döwletara gatnaşyklaryň netijeli ösdürilmegine ýardam edýän döwrebap logistika ulgamy döredilýär. Indi ýurdumyzyň ulag düzümi ulaglaryň ähli görnüşiniň – deňiz, demir ýol, awtomobil, awiasiýa, turba geçiriji, elektrik geçiriji ýük akymlaryny dolandyrmaga mümkinçilik aldy.

***

●●● Ýurdumyzyň meşhur neşirleriniň biri hasaplanylýan «Altyn asyr» elektron gazeti «Maksatly türkmen» hojalyk jemgyýetiniň «Tut» söwda belgili gazlandyrylan alkogolsyz içgileri öndürýändigini habar berdi. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň metbugat gullugyna salgylanyp taýýarlanylan habarda bu kärhananyň Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Änew şäherinde ýerleşýändigi, olaryň öndürýän önümleriniň aglabasynda ýerli çig malyň ulanylýandygy aýdylýar. Kärhanada çykarylýan alkogolsyz içgileriň dermanlyk ösümlikleriň we miwe tagamynyň bardygy onuň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Türkmen işewürleri geljekde önümçiligi giňeltmegi, önümleriň görnüşini artdyrmagy we ony daşarky bazarlara eksport etmegi göz öňünde tutýarlar.

**Habar beriş serişdeleriniň maglumatlary esasynda taýýarlan Ogulgerek SABYROWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky TOHU-nyň talyby.**

# SPORT WE ÝAŞLAR

▲ Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasyndan ugur alyp, okuwçy ýaşlaryň sagdyn bolup ýetişmeklerini gazanmak maksady bilen, TMÝG-niň Mary welaýatynyň Türkmengala etrap Geňeşi etrap bilim bölümi bilen bilelikde Türkmengala etrap Sport we ýaşlar syýasaty bölüminde orta mekdepde okaýan okuwçy ýaşlaryň arasynda «Saglygym – baýlygym» atly şygar astynda sportuň futzal görnüşi boýunça bäsleşik gurnady. Bäsleşige etrap bilim bölüminiň hünärmeni Akga Akgaýew we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Mary welaýatynyň Türkmengala etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Bilbil Jumaýewa dagylar eminlik etdiler. Emin agzalaryň adalatly baha bermekleri netijesinde «Şatlyk» topary hem beýleki toparlardan tapawutlanyp, ýeňiji bolmagy başardy.

**Ata ÖWEZOW,**
**Türkmengala etrap Sport we ýaşlar syýasaty bölüminiň sport mekdebiniň tälimçisi, Ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy.**

▲ Mary welaýat Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň mejlisler zalynda «Welosiped jemgyýetçilik ulagydyr» atly wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Duşuşyga etrap we şäher sport mekdepleriniň halypa we göreldeli tälimçileri gatnaşdylar. Duşuşyga gatnaşanlar Arkadagly Serdarymyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, il bähbitli, ýurt ähmiýetli edýän işleriniň elmydama rowaç bolmagyny arzuw etdiler.

**Nedir JUMAGELDIÝEW,**
**Mary welaýat Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň hünärmeni.**

▲ Mary welaýat Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň guramagynda Mary welaýatynyň köpugurly sport toplumynda Mary welaýat jemgyýetçilik guramalarynyň, Mary welaýat häkimliginiň, TMÝG-niň Mary welaýat Geňeşiniň, ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň, medeniýet işgärleriniň gatnaşmagynda «Iň ýörgünli ulag» atly köpçülikleýin bedenterbiýe-sport çäresi geçirildi. Çäräniň dowamynda ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyp ýaşlary bedenterbiýe we sport maşklaryny, medeniýet işgärleri bolsa aýdym-sazly çykyşlaryny ýerine ýetirdiler.

**Kuwwat ATAÝEW,**
**Mary welaýat Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň orunbasary.**

▲ Gumdag şäheriniň Sport we ýaşlar syýasaty bölüminiň 2-nji sport mekdebi TMÝG-niň Gumdag şäher geňeşi bilen bilelikde Gumdag şäheriniň 6-njy orta mekdebinde «Ähli zadyň sakasy saglyk» atly wagyz-nesihat duşuşygyny geçirdi. Bu duşuşykda edilen çykyşlarda ýaşlary sporta çekmek, bu babatda döredilen mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanmak, şeýle-de ýaşlar syýasaty boýunça durmuşa geçirilýän işlere mynasyp jogap bermek barada giňişleýin gürrüň berildi. Eziz Diýarymyzda ynsan saglygyna berilýän üns barada bellenilip, bedenterbiýäniň we sportuň ynsan saglygyna ýetirýän täsiri, ýaşlary sporta çekmekde döredilýän mümkinçilikler hakynda giňişleýin gürrüň edildi.

**Täzegül SEŇIRMÄMMEDOWA,**
**Gumdag şäheriniň Sport we ýaşlar syýasaty bölüminiň iş ýörediji kätibi.**

▲ «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda ýaşlaryň döwrebap bilim almagynda, geljekki nesilleriň eşretli durmuşda ýaşamagynda, dünýägaraýyşlarynyň giňelmeginde sporty we bedenterbiýäni giň gerimde ösdürmek we özlerini kämilleşdirmek maksady bilen, okuwçylaryň ýazky dynç alyş döwrüni gyzykly geçirmek üçin TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Kerki etrap Geňeşi Kerki etrap bilim bölümi bilen bilelikde tassyklanan düzgünnama esasynda Kerki etrabynyň 36-njy orta mekdebiniň 7-8-nji synp okuwçy oglanlarynyň arasynda sportuň woleýbol görnüşi boýunça bäsleşik geçirildi. Bäsleşikde TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Kerki etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri Atajan Joraýew, Kerki etrap ylym, bilim işgärleriniň KA-nyň Geňeşiniň başlygy Hudaýberdi Allanazarow, Kerki etrap Sport we ýaşlar syýasaty bölüminiň wekili Mukdar Aşyrow dagylar eminlik etdiler.

**Abdylkadyr TURDYÝEW,**
**Kerki etrabynyň 36-njy orta mekdebiniň bedenterbiýe mugallymy.**

▲ Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň sport mekdebinde sportuň 8 sany görnüşi boýunça türgenleşik geçilýär. Sportuň şol görnüşlerinden 5-si Olimpiýa görnüşine degişli bolup durýar. Sport mekdebinde 49 sany topar bolup, şol toparlarda 568 sany türgen, 24 sany tälimçi mugallymlar okuw-türgenleşik sapaklaryny geçýärler. Sarahs etrabynyň sport mekdebinde sportuň milli göreş görnüşi boýunça açyk sapak guraldy. Açyk sapak sport mekdebiniň milli göreş görnüşi boýunça at gazanan tälimçisi Senuber Kulyýewiň ýolbaşçylygynda «Çiliş badagy we çiliş badagynyň garşysyna ulanylýan emeller» diýen mowzuk esasynda 4-nji okuw türgenleşik toparynyň arasynda geçirildi. Täsin we gyzykly geçen bu açyk sapaga sport mekdebiniň müdiriniň okuw işleri baradaky orunbasary Şageldi Ýagmyrow we tejribeli tälimçi mugallymlar gatnaşdylar.

**Jumanyýaz BERDINÝAZOW,**
**Sarahs etrabynyň sport mekdebiniň müdiri.**

»

«

▲ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň saglygyny goramak babatda döwlet derejesinde uly aladalar edilýär. TMÝG-niň Etrek etrap geňeşi, Kärdeşler arkalaşyklarynyň Etrek etrap birleşmesi, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Etrek etrap Sport we ýaşlar syýasaty bölümi bilen bilelikde geçiren wagyz-nesihat çäresinde hem bu dogrusynda giňişleýin söhbet edildi. Her bir paslyň özüne mahsus aýratynlygynyň bardygy, adam bedeniniň bolsa pasyllaryň çalşygynda möwsüme görä uýgunlaşmaga çalyşýandygy, bedeniň möwsüme görä has gowy uýgunlaşyp bilmegi üçin sagdyn durmuş ýörelgelerini, arassaçylyk kadalaryny berjaý etmelidigi hakyndaky gürrüňler çykyşlaryň özenini düzdi.

**Hudaýberdi AŞYROW,**
**Etrek etrabynyň Sport we ýaşlar syýasaty bölüminiň 1-nji sport mekdebiniň tälimçisi.**

▲ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiz ösdürilýär, dürli ulgamlarda döwrebap şertler döredilýär. Şonuň netijesinde hem sanly ulgamyň mümkinçilikleri durmuşa geçirilýär we döwrebaplaşdyrylýar. Sanly ulgamyň işlerini ýola goýmakda hem kämil hünärmenleriň taýýarlanylmagy möhüm ugur bolup durýar. Şunda sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden doly derejede peýdalanylýar. Türkmenistanda sanly bilim ulgamynda täzeçilligi döretmek we ýaýratmak, durmuşa ornaşdyrmak babatda maksatly işler ýokary derejede dowam etdirilýär. Kämil hünärmenleri ýetişdirmekde esasy ugurlaryň biri hem bilim edaralarynyň ýokary tehnologiýalar bilen üpjünçiligidir. Bu işleriň barşynda bilimleriň ähli derejeleri üçin mahsus bolan elektron maglumatlar gory döredilýär.

**Maýýam UMAROWA,**
**TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.**

▲ Daşoguz welaýatynyň Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz şäher Geňeşi bilen bilelikde gurnamagynda Daşoguz welaýat kitaphanasynyň mejlisler zalynda «Türkmenistanda Ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» meýilnamasyny hem-de «Türkmenistanda 2021 – 2025-nji ýyllarda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň we ösdürmegiň Maksatnamasynyň» meýilnamasyny durmuşa geçirmek we welosipediň adam bedenine edýän oňaýly täsirleri barada maslahat geçirildi. Maslahatda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz şäher Geňeşiniň başlygy Sabyrgeldi Begow, Daşoguz welaýatynyň Bazaly sport mekdebiniň uly tälimçi-mugallymy Gurbanmyrat Saparmyradow, şeýle-de S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň çagalar we ýetginjekler sport mekdebiniň tälimçi-mugallymy Röwşen Tokaýew dagy çykyş etdiler. Maslahatda çykyş edenler hormatly Prezidentimiziň welosipediň köpçülikleýin ulanylmagynyň adam bedenine edýän oňyn täsirleri barada belläp geçenleri dogrusynda söhbet etdiler.

**Rejep DOWULOW,**
**Daşoguz welaýatynyň Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň baş hünärmeni.**

▲ Balkan welaýatynyň Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirligi, «Türkmenistan» ýaşlar bedenterbiýe sport guramasynyň Balkan welaýat bölümi, TMÝG-niň Balkanabat şäher geňeşi, Balkan welaýatynyň Baş bilim müdirligi bilen bilelikde guramaklarynda Balkanabat şäherindäki iňlis dili, fizika we matematika derslerini çuňlaşdyryp öwredýän 22-nji orta mekdebinde mekdep okuwçylarynyň gatnaşmagynda ýaşlaryň ekologiýa medeniýetini we tebigata aýawly garaýşyny kämilleşdirmek boýunça wagyz-nesihat çäresi geçirildi.

**Osman HAJYÝEW,**
**Balkan welaýatynyň Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň 1-nji sport mekdebiniň usulyýetçisi.**

# IMPORTANT S PRING CAMPAIGN STARTS

▲ On March 30, 2022, in accordance with the approved schedule, farmers of Dashoguz velayat, where the sowing campaign starts a little later than in other regions of the country due to climatic conditions, started sowing cotton. The important spring campaign in Dashoguz velayat was launched on the fields of the Akgala farmers association in Kunyaurgench etrap. The solemn event marking the planting of seeds of the valuable industrial crop into the soil took place.

This year, the area sown with cotton occupies 140,000 hectares in Dashoguz velayat. As in previous years, preference will be given to the medium fibre cotton varieties that grow well in local soil and climatic conditions.

In accordance with the instructions of the President of Turkmenistan, a significant role in the integrated and effective preparatory work for the cotton sowing campaign is given to the well-coordinated operation of modern agricultural machinery.

The music and folk dance groups of the velayat dedicated their bright performances to the theme of 2022 «The Era of the People with Arkadag», glorifying the Fatherland, Turkmen people and achievements of the country.

**Prepared by Allamyrat MOLLAEV,**
**A lecturer, Turkmen Agriculture University named after S. A. Niyazov**






— Agyz-burun örtüklerini ulanyň!
— Azyk önümleriniň howpsuzlygynyň düzgünlerini berjaý ediň! Çig we taýýar iýmitleri kesmek üçin aýratyn pyçaklary we tagtalary ulanyň!
— Eti we ýumurtgany doly taýýar bolýança gowy edip bişiriň!
— Çig eti dogranyňyzdan soňra we taýýar iýmit bilen iş salyşýarkaňyz, aram-aram elleriňizi ýuwup duruň!
— Eger üsgürýän bolsaňyz ýa-da gyzgynyňyz ýokary bolsa, adamlar bilen ýüzbe-ýüz gatnaşykdan gaça duruň!
— Eliňiz hapa bolmasa-da, onda göze görünmeýän kesel döredijileriň bolmagy mümkin. Şol sebäpli ony sabyn bilen yzygiderli ýuwup, dürli zyýansyzlandyryş erginleri bilen tämizläp duruň!
— Asgyranyňyzda we üsgüreniňizde, agzyňyzy hem burnuňyzy tirsegiňizi epip ýa-da desmal bilen ýapyň!

# BOSAGADA BÜTINDÜNÝÄ SAGLYK GÜNI




●●● Ajaýyp zamanamyzda Türkmenistanyň alyp barýan giň gerimli syýasaty netijesinde halkymyzyň saglygy, onuň abadançylygy, bedenterbiýe-sport hereketi esasy ýörelgeleriň birine öwrüldi. Däp bolşy ýaly, her ýylyň aprel aýynyň 7-sine dünýäde, şeýle-de biziň ýurdumyzda Bütindünýä saglyk güni giň gerimde dabaraly ýagdaýda bellenilip geçilýär. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy her ýyl şol güni bir mowzuk esasynda guraýar. Şeýle hem 7-nji aprelden başlap, bir hepdäniň dowamynda saglyk, sport boýunça mahabat, wagyz-nesihat çäreleri bütin dünýäde geçirýär. Bütindünýä Saglyk gününiň bellenilmeginiň esasy maksady adamlaryň durmuşynda saglygyň tutýan ornunyň giňligini düşündirmek bolup durýar.

Türkmenistanda hem baýramçylygyň çäklerinde bedenterbiýe-sagaldyş hereketleri, saglygy goramak boýunça wagyz-ündew duşuşyklary, köpçülikleýin sport we beýleki çäreler ýaýbaňlandyrylýar. Şolar bilen bir hatarda sport medeniýetini ösdürmäge hem aýratyn üns berilýär. «Saglyk» döwlet maksatnamasy üstünlikli amala aşyrylýar. Şonuň esasynda ýurdumyzda sport bilen meşgullanmak, saglygyňy goramak we dikeltmek üçin hem ähli şertler döredilen. «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýurdumyzda adamlaryň saglygyny goramak wezipesi giň ulgama eýedir. Ol lukmançylyk hereketleri, şypahana-sagaldyş, dynç alyş, sport-bedenterbiýe, ekologiýa baradaky aladalary, arassaçylygy, sagdyn ýaşaýyş endiklerini öz içine alýar. Bu bolsa her bir adamyň beden hem ruhy taýdan sagdyn bolmagyny üpjün edýär.

**Şirin GELDIÝEWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň Bejeriş bedenterbiýesi, saglygy dikeldiş we sport lukmançylygy kafedrasynyň assistenti.**

# RUHUBELENTLIK WE SPORT BAÝRAMY

●●● Saglygyň ýokary döredijilik işjeňliginiň, zähmete ukyplylygyň we bagtyýarlygyň gözbaşy bolup durýandygy sebäpli, her bir ynsanyň saglygynyň diňe bir onuň özi babatda däl-de, eýsem, jemgyýetçilik gymmatlygyny hem döredýär. Şonuň üçin hem Bütindünýä saglyk gününiň ýurdumyzda giňden bellenilmegi möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.
Häzirki wagtda ýurdumyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän lukmançylyk merkezleri, şypahanalar, derman kärhanalary we milli saglygy goraýyş ulgamyny täze derejä göteren beýleki ugurdaş desgalar guruldy. Döwletimiz häzirkizaman sport-sagaldyş düzüminiň giňeldilmegine hem-de häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelmegine ägirt uly serişde gönükdirýär. Watanymyzda halkymyzyň saglygyny goramak, olaryň zyýanly endiklerden daşda durmaklaryny gazanmak ugrunda tutumly işler durmuşa geçirilýär.

**Rahman JÄJOW,**
**sport synçysy .**

# OBA HOJALYK HABARLARY

●●● Türkmenistan oba hojalyk tehnikalaryny satyn almakda «John Deere» (ABŞ) we «CLAAS» (GFR) ýaly dünýä belli kompaniýalary bilen köp ýyllar bäri hyzmatdaşlyk edýär. S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde agzalan kompaniýalaryň okuw merkezleri açyldy. Bu barada «Altyn asyr» elektron gazetinde habar berildi. Elektron neşirde bellenilip geçilişi ýaly, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň we «John Deere International GmbH» kompaniýasynyň arasynda baglaşylan ylalaşyga laýyklykda daşary ýurtly hünärmenler bu ýokary okuw jaýynyň oba hojalygynyň mehanizasiýasy fakultetiniň talyplaryna iň täze tehnologiýalary öwredýärler.

●●● Balkan welaýatynyň babadaýhanlary şu ýyl jemi 2900 gektar ýere ýeralma ekip, şonça meýdandan 40600 tonna hasyl ýygnamagy meýilleşdirýärler. Geljek hasyl döwründe sebit boýunça ýygnaljak kelemiň möçberi 5750 tonna ýeter. 470 gektar meýdanda ekilip başlanan käşirden ýygnaljak hasylyň umumy möçberini hem 8460 tonna ýetirmek göz öňünde tutulýar. Welaýatyň kärendeçi daýhanlary ýaz ekişi möwsüminde sogan ekilen 1100 gektardan ýygnaljak hasylyň möçberini 27500 tonna ýetirmegi maksat edinýärler. Şeýle-de, şu ýyl 650 gektar meýdana ekiljek ýerden 16250 tonna pomidor hasylynyň ýygnalyp alynjakdygyna pugta ynanýarlar.

●●● Daşoguz welaýatynda pileçiler bilen pile öndürmäge şertnama baglaşylýar. Şu ýyl jogapkärli işe 12 müň 500-den gowrak kärendeçiniň gatnaşmagy çak edilýär. Welaýatyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň pileçileri şu ýyl 184 tonna ýüpek çig maly öndürmegi niýet edinýärler. Şeýle hem Gurbansoltan eje adyndaky we Görogly etraplarynyň her birinde 80 tonna pile öndüriler. Howa şertleriniň aýratynlyklaryna görä, Daşoguz welaýatynda ýüpek gurçugy ýurdumyzyň beýleki sebitlerinden gijräk idedilip başlanýar.

**Habar beriş serişdeleriniň maglumatlary esasynda taýýarlan Osman MEREDOW, S.A.Nyýazow adyndaky TOHU-nyň talyby.**

# ONLINE MEETING WITH INTERNATIONAL FUND FOR AGRICULTURAL DEVELOPMENT

● An online meeting between the heads and representatives of the ministries of Turkmenistan and the International Fund for Agricultural Development (IFAD) took place on Wednesday, March 30. The meeting organized with the support of the Embassy of Turkmenistan in Italy, Rome, where the IFAD headquarters is located, aimed to establish cooperation between Turkmenistan and this organisation.

The parties noted their readiness to work towards strengthening cooperation to coordinate efforts to achieve sustainable agriculture, in particular through the adoption of advanced desalination and irrigation technologies, assistance to agricultural producers, as well as the joint implementation of projects to support climate change adaptation programmes.

The International Fund for Agricultural Development is a financial institution, a specialized UN agency and only specialized global development organisation exclusively focused on and dedicated to transforming agriculture, rural economies and food systems.



**Translated by Agarahnet SATLYKOV, A lecturer, Turkmen Agriculture University named after S. A. Niyazov**

**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 25-nji martdaky mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen, şu ýylyň 15-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamany kabul edendigi we Türkmenistanyň BMG-niň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň (UNCITRAL) agzalygyna 2022 — 2028-nji ýyllar döwri üçin saýlanylandygy habar berildi. Bu taryhy waka okyjylarymyzda gyzgyn seslenme döretdi. Şonuň üçin olaryň welosipediň ynsan saglygyna ýetirýän täsirinden söhbet açýan ýürek buýsançlaryny okyjylarymyza hödürleýäris.**

# DÖWREBAP ULAG

Saglyk we sport, ekologiýa abadançylygy hem-de durnukly ösüş biri-biri bilen berk baglanyşykly düşünjelerdir. Jemgyýetde sagdyn we işjeň durmuş, daşky gurşawa aýawly garamak ýörelgelerini pugtalandyrmak maksady bilen, Türkmenistanda möhüm başlangyçlaryň birnäçesiniň, şol sanda, peýdaly däpleriň biri – ähli ýaşdaky we hünärdäki adamlary birleşdirýän welosipedli ýörişleri yzygiderli geçirmek däbi ýola goýuldy. Şeýlelikde, welosiped sporty bilen meşgullanýan türkmenistanlylaryň sany ýylsaýyn artýar. Sportuň bu görnüşi, sözüň doly manysynda, ýurdumyzda täze galkynyşa eýe boldy. Mundan başga-da, welosiped ulagyň ekologiýa taýdan örän arassa görnüşidir. Welosport bilen meşgullanmak saglygyňa hem ruhubelentligiňe öz oňaýly täsirini ýetirýär.

Köp ýyllaryň dowamynda toplanylan tejribeleriň görkezişi ýaly, welosiped sürmek ruhuňy belende galdyrýar, şeýle-de mähriban ülkämiz boýunça gyzykly gezelençleri amala aşyrmaga, tebigatyň ajaýyp künjeklerine baryp görmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda sportuň bu görnüşini giňden wagyz etmek boýunça amala aşyrylýan maksatnamalaýyn çäreleriň anyk netijeleri berýändigini bellemelidiris. Paýtagtymyzda we ýurdumyzyň beýleki ilatly ýerlerinde sportuň bu görnüşiniň muşdaklarynyň sany barha artýar. Ilatyň dürli ýaşdaky wekilleriniň örän köpsanlysy welosiped sporty bilen işjeň meşgullanýar.

Howa şertleri hem-de bar bolan düzümler tutuş ýylyň dowamynda ýurdumyzda welosiped sporty boýunça ýaryşlary we türgenleşikleri geçirmäge mümkinçilik berýär. Halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi we bu ugurda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen tejribe alşylmagy sportuň bu görnüşini mundan beýläk-de ösdürmäge we ilaty höweslendirmäge ýardam eder.

**Aşyrmämmet ALÇEKOW,**
**Ý.Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Ýokary matematika kafedrasynyň uly mugallymy.**

# DIŇE WELOSIPED HAKYNDA

- 1830-njy ýylyň 21-nji aprelinde dünýä inen iňlis oýlap tapyjysy Jeýms Starli welosiped öndürýän kärhanany ilkinjileriň biri bolup döreden adam hasaplanýar. Onuň döreden «Coventry Machinist» kompaniýasy dünýäde ilkinji bolup iki we üç tigirli welosipedleri öndürip başlapdyr.
- Meşhur ispan welosipedçisi Migel Indurainiň özboluşly fiziki aýratynlyklary bar eken. Onuň öýkeniniň gurluşy hem adaty türgenlerden tapawutly bolupdyr. Onuň rahat wagtynda ýüreginiň minutda 28-30 gezek urandygyny hasaba alypdyrlar.
- Hytaý dünýäniň iň köp welosiped sürülýän ýurdy hasaplanýar. Ol ýerde 1 awtoulaga 300 welosiped düşýär. Hytaýda, takmynan, 500 million töweregi welosiped bar diýip çaklaýarlar. Şol welosipedleriň hemmesi Litwa eltilen bolsa, onda bu ýurduň her bir raýatynyň paýyna ortaça 180 welosiped düşerdi.
- Ilkinji bolup welosipedli dünýäniň daşyna aýlanan adam Tomas Stiwens bolup, ol 1884-nji ýylda bu taryhy syýahatyny amala aşyrypdyr. Tomas Stiwensiň syýahaty 3 ýyl dowam edipdir. Syýahat wagty ulanylan welosipediniň bir uly, birem kiçijik yzky tigri bar eken.
- Amerikaly zenan Denis Müller-Korenek welosipediň tizligini sagatda 295,6 kilometre ýetirmegi başarypdyr. Şol görkezijini gaýtalamak mümkin däl hasap edilýär.
- ABŞ-nyň başga bir raýaty Maýkl Sikrest welosipedli bir günde 1958 kilometr menzili külterläpdir. Şu wagta çenli hiç kim bu görkezijini gaýtalamak däl, hatda oňa golaýlabam bilmändir.

**Ogulsoltan IŞIMOWA,**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Merkezi derňew toparynyň esasy derňewçisi.**



# САИД СЕИДОВ НАЗНАЧЕН ГЛАВНЫМ ТРЕНЕРОМ СБОРНОЙ ТУРКМЕНИСТАНА

● Саид Сеидов назначен на пост главного тренера сборной Туркменистана, сообщается на официальном сайте Федерации футбола Туркменистана.

Сеидов сменил на посту главного тренера сборной Туркменистана Язкули Ходжагельдыева.

Ближайшие матчи национальной команды состоятся в июне – это будут игры отборочного турнира Кубка Азии-2023 против команд Малайзии, Бангладеш и Бахрейна.

Саид Юсупович Сеидов родился 22 января 1962 года в Ашхабаде. Воспитанник Валерия Непомнящего. Начинал карьеру в ашхабадском «Колхозчи». В дальнейшем выступал за узбекский клуб «Звезда» («Согдиана») Джизак, а также за туркменские клубы «Копетдаг», «Ахал», «Небитчи», «Ниса» и «Туран». Большую часть спортивной карьеры выступал на позиции полузащитника.

В 1986—1991 годах Сеидов обучался в Туркменском государственном институте физической культуры и спорта.

За свою профессиональную тренерскую карьеру 60-летний Сеидов работал в различных футбольных клубах Узбекистана и Туркменистана.

В 2015-2019 годах Сеидов возглавлял ашхабадский «Копетдага». В первый же год работы команда победила в первой лиге Туркменистана и получила место выступать в высшей лиге Туркменистана. В 2018 году под его руководством «Копетдаг» стал обладателем Кубка Туркменистана по футболу.

Саид Сеидов является мастером спорта СССР, заслуженным тренером Туркменистана (2004).

***

Саид Сеидов объявил свой тренерский штаб в сборной Туркменистана.

В тренерский штаб сборной Туркменистана по футболу под руководством Саида Сеидова вошли Камиль Мингазов, Бегенч Гараев и Павел Матус, сообщает официальный сайт ФФТ.

Ближайшие матчи национальной команды состоятся в июне – это будут игры отборочного турнира Кубка Азии-2023 против команд Малайзии, Бангладеш и Бахрейна.

**www.turkmenportal.ru**

# ФФТ ПРИНИМАЛ УЧАСТИЕ В КОНГРЕССЕ ФИФА

● Федерация футбола Туркменистана (ФФТ) принимала участие в работе 72-го конгресса ФИФА, сообщает «Туркменистан: Золотой век» со ссылкой на ФФТ. Конгресс ФИФА состоялся 31 марта в Катаре. Делегацию ФФТ возглавил генеральный секретарь организации Аннабайрам Дурдымаммедов. В состав делегации также вошёл специалист ФФТ Ресул Мамедов. Конгресс собирается ежегодно, в год проведения чемпионата мира это происходит в стране-хозяйке турнира. Жеребьёвка чемпионата мира-2022, на которой присутствовал делегация Туркменистана, состоялся 1 апреля в Дохе. Финальный турнир чемпионата мира-2022 в Катаре пройдёт с 21 ноября по 18 декабря.

**www.tff.com.tm**

# USSAT BILEN DUŞUŞYK



●●● Golaýda Balkanabat şäheriniň 17-nji orta mekdebinde halypa futbolçy, milli ýygyndymyzyň ilkinji kapitany Jumadurdy Meredow bilen mekdebimiziň okuwçy oglanlarynyň arasynda täsirli duşuşyk geçirildi. Mekdebiň ýaş futbolçylary halypanyň zähmet ýoly bilen tanyşdylar. Jumadurdy Meredow 1966-njy ýylda Balkanabat şäherinde dogulýar. Ol meýdançada goragçy hökmünde milli ýygyndymyzyň düzüminde we «Köpetdag», «Nebitçi», «Şagadam» ýaly toparlarda çykyş edip, alty gezek Türkmenistanyň çempiony boldy.

Täsirli duşuşygyň dowamynda mekdebimiziň okuwçylary özlerini gyzyklandyrýan sowallary berdiler. Halypa hem öz gezeginde ýaşlara sporty söýmegi, saýlap alan hünärlerine ezber bolup, Watanymyzyň sport abraýyny mundan beýläk hem ösdürmekde ýaşlaryň paýynyň uludygyny nygtady. Şeýle-de, Jumadurdy Meredow ýaşlara ussat futbolçy bolmak üçin irginsiz türgenleşik geçmegi, kynçylyklary ýeňip, maksada okgunly, zähmetsöýer bolmagy maslahat berdi. Çäräniň ahyrynda halypa futbolça biziň aramyza gelip, peýdaly maslahatlaryny berendigi üçin mekdebimiziň agzybir işgärleriniň adyndan hoşallyk bildirildi.

**Sopy SOPYÝEW,**
**Balkanabat şäheriniň 17-nji orta mekdebiniň müdiri.**

# BATYR BABAÝEW: «KIMIŇ ESASY DERWEZEÇI BOLJAKDYGYNY TÄLIMÇILER KESGITLÄR»

**■ Ozal habar berşimiz ýaly, ýokary liganyň toparlary tamamlanan transfer möwsüminde öz düzümine birnäçe futbolçylary goşdular. Bu möwsümiň iň iri transferleriniň biri milli ýygyndymyzyň derwezeçisi Batyr Babaýewiň «Altyn asyr» toparyna geçmegidir. Bu ezber derwezeçiniň «Nebitçiden» «aragatnaşykçylaryň» düzümine geçmeginiň sebäpleri bilen gyzyklanyp, habarçymyz oňa birnäçe sowal bilen ýüz tutdy.**



**— Batyr, siz «Ahalda» oýnan döwrüňizde «aragatnaşykçylaryň» esasy garşydaşy hökmünde ýadymyzda galdyňyz. Bu günki gün «Altyn asyra» geçmegiňiziň esasy sebäbi nämede?**

— Bu transferdäki esasy maksadym, her bir futbolçyda bolşy ýaly, has uly netijelere ymtylmak bolup durýar. «Altyn asyr» bilen çempionlygy we mümkin bolan kuboklary gazanaryn» diýip umyt edýärin. Ýene bir maksadym hem AFK-nyň kubogy ugrundaky ýaryşda ýurdumyzyň abraýyny mynasyp goramak.

**— Tälimçiler size gönüden-göni belli bir wezipe tabşyrdymy?**

— Bilýäňizmi näme, meniň iň uly etmeli wezipäm tälimçileriň türgenleşikde we her oýunda berýän görkezmelerini doly ýerine ýetirmekden ybarat.

**— Ol düşnükli, Batyr, gönüläp sorasak, «Altyn asyrda» tejribeli derwezeçi Mämmet Orazmuhammedow hem bar. Esasy düzüm üçin göreş nähili bolar? Iki tejribeli derwezeçiniň hersine aýratyn wezipe kesgitlendimi diýmek isledim.**

— Düşündim! Toparyň derwezeçiler «maşgalasyna» goşulmak kyn düşmedi, tälimçimiz Maksatmyrat Hakmyradowiçiň (derwezeçileriň tälimçisi) berýän görkezmeleri esasynda türgenleşýäris. Esasy düzüm üçin göreş hemme ýerde bolşy ýaly, bäsleşik esasynda geçiriler. Kimiň esasy derwezeçi boljakdygyny tälimçiler kesgitlär. Mämmet barada aýdanymyzda bolsa, ol tejribeli derwezeçi. Onuň «Altyn asyrda» hem türkmen futbolynda aýratyn orny bar. Biz bir-birimiz bilen hemişe-de dostlukly gatnaşykda bolduk. Mundan beýlägem şeýle bolar.

**— Pikirleriňizi paýlaşanlygyňyz üçin sag boluň!**

— Sizem sag boluň!

**Söhbetdeş bolan Merdan BAÝAT,**
**sport synçysy.**

# ИСТОРИЯ ПЕРЕПИСИ НАСЕЛЕНИЯ

▲ Туркменистан готовится к проведению сплошной переписи населения и жилищного фонда Туркменистана, которая пройдёт в декабре 2022 года. Результаты переписи Туркменистана войдут составной частью в итоги мировой переписи населения. Мы сегодня предлагаем читателям интересные факты из истории переписи населения.

Сплошная перепись населения – учёт всех людей на определённой территории: в государстве, регионе и населённом пункте. Современному пониманию этого явления предшествовали учеты населения в государствах Азии и Африки еще в третьем тысячелетии до нашей эры.

В Древнем Риме каждый гражданин под присягой должен был сообщить цензору (переписчику) свое имя, возраст, сведения о членах своей семьи и имуществе. Эти данные служили основанием для распределения населения по военным подразделениям, сбора налогов и определения голосов в Народном собрании.

Родиной первой переписи в средневековой Европе считается Англия. В 1086 году по приказу Вильгельма Завоевателя был составлен подробнейший реестр всех земель, замков и домов.

Еще в Древнем Вавилоне проводились специально организованные процедуры сбора информации о населении, об этом




свидетельствуют найденные археологами соответствующие глиняные таблички, относящиеся к 3800 г. до н. э.

**Подготовила Сахрагул ДОВРАНОВА, преподаватель ТСУ имени С.А.Ниязова.**

# ЗАВЕРШЁН ГРУППОВОЙ ЭТАП ОТБОРОЧНОГА ТУРНИРА ЧМ-2022 В АЗИИ




▲ В Азии завершился групповой этап третьего отборочного раунда чемпионата мира-2022. По его итогам стали известны 4 участников финальной стадии турнира и 2 команды, которые разыграют оставшуюся путёвку.

На третьем этапе 12 команд были разбиты на 2 группы по 6 участников. Сборные, финишировавшие на первом и втором местах, выходили на ЧМ-2022. В группе А сильно оторвались ото всех Республика Корея и Иран. В группе В доминировали Япония и Саудовская Аравия. Ставшие третьими команды сыграют в стыке – это Австралия и ОАЭ.

В последнем туре в группе А была борьба за третье место, дающее право играть матчи в стыках со сборной Австралии, также досрочно занявшей третье место в группе В.

В итоге, Иран победил Ливан — 2:0, команда ОАЭ обыграла Республику Корея — 1:0, а Сирия и Ирак сыграли вничью — 1:1.

Иран — первый (25 очков), Республика Корея — вторая (23), а сборная ОАЭ заняла третье место, набрав 12 баллов. Далее расположились Ирак (9), Сирия и Ливан (по 6).

В группе В матчи 10-го тура носили, скорее, товарищеский характер и завершились с такими результатами: Оман-Китай — 2:0, Саудовская Аравия-Австралия — 1:0, Япония-Вьетнам — 1:1.

Группу В выиграла сборная Саудовской Аравии (23 очка), Япония набрала 22 балла, Австралия — 15. У Омана — 14 очков, у Китая — 6, у Вьетнама — 4.

Австралия и ОАЭ 7 июня сыграют в полуфинале плей-офф, победитель пары встретится с 5-й командой отбора в зоне КОНМЕБОЛ (Южная Америка). Сборная Перу обыграла Парагвай (2:0) в заключительном туре отбора ЧМ-2022 в Южной Америке. Перуанцы заняли 5-е место в таблице и получили право сыграть в стыковом матче за выход в финальной турнир против команды из Азии. Межконтинентальные стыковые матчи намечены на 13–14 июня в Дохе.

**www.turkmenportal.com**

# ОТБОРОЧНЫЙ ТУРНИР КУБКА АЗИИ-2022 ПО ФУТЗАЛУ

▲ Стало известно время начала игр сборной Туркменистана по футзалу в отборочном турнире Кубка Азии-2022. Об этом сообщает пресс-служба Федерации футбола Туркменистана.

По итогам жеребьевки сборная Туркменистана оказалась в группе «А» в объединенной Центральной и Южной зоне отборочного турнира Кубка Азии-2022. Соперниками туркменской сборной будут команды Ирана, Кыргызстана и Мальдивской Республики. Другую группу «В» составили: Узбекистан, Таджикистан, Афганистан и Непал.

Матчи пройдут с 10 по 12 апреля 2022 года в Бишкеке. В финальную часть соревнований выйдут по две лучшие команды из каждой группы.

10 апреля в 19:00 состоится игра Кыргызстан-Туркменистан, 11 апреля в 16:00 — Туркменистан-Иран, на 12 апреля в 16:00 запланирована игра Туркменистан-Мальдивы.

Финальный турнир Кубка Азии-2022, в котором выступят 16 сильнейших футзальных сборных стран конфедерации, состоится с 25 сентября по 20 октября в Кувейте.

**Отборочный турнир Кубка Азии-2022 по футзалу**

**Зона «Центр и Юг» (Место проведения: Кыргызстан)**

**1 тур (10 апреля)**

**Группа «А»**

Иран — Мальдивы (16:00)

Кыргызстан — Туркменистан (19:00)

**Группа «В»**

Узбекистан — Непал (10:00)

Таджикистан — Афганистан (13:00)

**2-й тур (11 апреля)**

**Группа «А»**

Мальдивы — Кыргызстан (19:00)

Туркменистан — Иран (16:00)

**Группа «В»**

Непал — Таджикистан (10:00)

Афганистан — Узбекистан (13:00)

**3-й тур (12 апреля)**

**Группа «А»**

Иран — Кыргызстан (19:00)

Туркменистан — Мальдивы (16:00)

**Группа «В»**

Узбекистан — Таджикистан (10:00)

Афганистан — Непал (13:00)

# WELOSIPED HAKYNDA MAGLUMATLAR

## 1 ÝYL

■ Adamlar ortaça, welosiped sürmegiň birinji ýylynda, takmynan, bäş ýarym kilogram ýitirýär.

## LONDON

■ Londondaky Sankt-Jorj keselhanasynyň baş iýmitlenişiniň pikiriçe, «Orta maşk immun öýjüklerini has işjeňleşdirýär, şonuň üçin ýokanç kesellere garşy has gowy göreşýärler».

## RUHUBELENT

■ Welosiped sürmek durmuşyň hilini ýokarlandyrýar. Arassa howadan dem almaga, nerw dartgynlylygyndan dynmaga kömek edýär we ruhuňy belende göterýär.

## 30 MINUT

■ Demirgazyk Karolina uniwersitetiniň gözleglerine görä, günde 30 minut, hepdede bäş gün welosiped sürýän adamlar, beýleki adamlara garanyňda, hassalyk rugsadyny az alýarlar.

## 26 METR

■ Niderlandlarda okaýan talyplar dünýäde iň uzyn welosipedli gezelenç edip, rekord goýupdyrlar. Ozalky rekord Italiýada hasaba alnyp, welosipediň uzynlygy 26 metr eken. Täze rekord ozalky görkezijini 2 metr gowulandyrypdyr.

**Taýýarlan**
**Şamämmet GARAJAÝEW,**
**sport syncysy.**




**■ Welosiped sürmegiň, ony gündelik durmuşda endige öwürmegiň we tigirli hereketiň netijesinde adamyň saglygyna, bedenine berýän täsiri ýokarydyr. Dostlaryňyzyň, maşgalaňyzyň ýa-da kärdeşleriňiziň welosiped hereketine goşulmagyny isleseňiz şulary bilmegiňiz hem ýeterlik bolar.**

●●● Fin alymlarynyň topary tarapyndan geçirilen uzak möhletleýin gözleg netijesinde, günde azyndan 30 minut ortaça maşk bilen meşgullanýanlaryň beýlekilere garanyňda rak keseliniň ösüşiniň ýarym esse azdygyny görkezdi.

●●● «British Heart» gaznasy hepdede bary-ýogy 30 kilometr aralyk welosipedli geçilse, ýürek-damar keselleriniň töwekgelçiliginiň fiziki işjeňligi kabul etmeýänlere garanyňda ýarym esse azalýandygyny aýdýar. Adamlar beden görnüşine üns berseler, ýylda 10 000 töweregi ölüm howply ýürek keseliniň öňüni alyp bolýar.

●●● Gözlegleriň görkezişi ýaly, günde 25 minutlyk welosiped sürmek, hereketli maşklary ýerine ýetirmek döredijilik pikirlenişiniň, iň bolmanda, bir görkezijisini ýokarlandyrýar.

●●● Bir awtoulag üçin niýetlenen duralgasy 42 esse tigir ýa-da 20 sany yzygiderli motosikl üçin ýerleşdirilip bilner. Bu iş berijiniň awtoulag duralgalarynda köp zady tygşytlap biljekdigini aňladýar.

●●● Dünýäde resmi taýdan hasaba alnan iň uzyn welosipediň uzynlygy 28 metre barabardyr.

**Taýýarlan Annagözel HABILOWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky TOHU-nyň talyby.**

# WELOSPORT TÜRGENLERI

● Ynsanyň saglygy üçin ähmiýetli bolan işjeň hereket gündelik sport hem-de fiziki maşklary ýerine ýetirmek arkaly amala aşyrylýar. Şonuň üçinem ýurdumyzda halkymyzyň bedenterbiýe we sporty gündelik durmuş ýörelgesine öwürmegi ugrunda düýpli işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda sportuň ähli görnüşleriniň döwrebap derejede ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär.

Şol sanda eziz Diýarymyzda millionlarça adamyň söýgüsini gazanan welosiped sportuny ösdürmäge-de uly üns berilýär. Sportuň bu görnüşi ilatyň beden saglygyny berkitmekde hem möhüm orny eýeleýär. Bu bolsa welosiped sportuna bolan gyzyklanmany has-da artdyrýar.

Biziň bilim ojagymyz bolan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda-da sportuň bu görnüşi boýunça ýokary derejeli türgenleri taýýarlamak ugrunda tälimçilerimiz irginsiz zähmet çekýärler.

Ýokary okuw mekdebimizde welosiped sporty boýunça ussatlyk derejesini ýokarlandyrmak isleýän talyplar häzirki döwrüň ülňülerine laýyk gelýän ýokary derejeli sport enjamlarynda, häzirki wagtda welosiped sporty boýunça geçirilýän halkara ýaryşlarynyň kadalaryna laýyklykda türgenleşmäge mümkinçilik berýän ýodalarda özleriniň tejribesini artdyrýarlar. Şeýle-de bilim ojagymyzyň talyplary indi birnäçe ýyl bäri ýurdumyzda giň gerime eýe bolan welosiped sportuny ösdürmekde edilýän işleriň hatarynda belli seneler mynasybetli guralýan köpçülikleýin welosiped ýörişlerine we milli çempionatlara işjeň gatnaşýarlar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda sportuň bu görnüşini has-da ösdürmek babatda degişli işler durmuşa geçirilýär. Ata Watanymyzda welosiped sportunyň ösdürilmegi babatda alnyp barylýan işler bolsa özüniň oňyn netijelerini berýär. Welosipedçileriň halkara bileleşiginiň sportuň bu görnüşi babatda ýurdumyzda döredilen infrastruktura ýokary baha berip, halkara derejesindäki ýaryşlary guramaga uly gyzyklanma bildirýändigi bu aýdylanlara subutnama bolup durýar.

**Işanguly MERETNYÝAZOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mugallymy.**

# ФУТБОЛИСТ, КОТОРОГО ТРЕНИРОВАЛ КАФАНОВ, БУДЕТ ИГРАТ ПРОТИВ МИНГАЗОВА



● Полузащитник футбольного клуба «Ростов» Кенто Хашимото продолжит карьеру в «Виссел Кобе», сообщается на сайте японской команды. До недавного времени ФК «Ростов», в котором выступал японский легионер, тренировал известный специалист из Туркменистана Виталий Кафанов.

Хавбек воспользовался регламентом Международной федерации футбола (ФИФА), которая разрешила иностранным футболистам приостанавливать действие контрактов и заключать соглашения с зарубежными командами. Соглашение 28-летнего японца с «Виссел Кобе» рассчитано до 30 июня 2022 года.



В матче 2-го тура группового этапа Лиги чемпионов АФК встретятся гонконгский «Китчи», в котором играет туркменский полузащитник Руслан Мингазов, и японский «Виссел Кобе», цвета которого защищает один из самых выдающихся игроков в истории мирового футбола – Андрес Иньеста и теперь, уже бывший нападаюший «Ростова» Кенто Хашимото.

Хашимото перешел в «Ростов» летом 2020 года, в составе российской команды провел 30 матчей, забил 8 голов и сделал 3 результативные передачи.

**Подготовил Заман КЕРИМОВ,**
**спортивный обозреватель.**

# ÇAGANY KITABA NÄDIP GYZYKLANDYRMALY?

▲ Ene-atalar hemişe çagalarynyň durmuşda gowy deň-duşlarynyň bolmagyny, ýagşy gylykly dost tutunmaklaryny isleýärler. Çünki çaganyň deň-duşlarynyň arasyndaky sosial gurşawy çaganyň özüni alyp barşynda, jemgyýetde eýelejek ornunda, onuň pişe-güýmenjelerinde möhüm orun eýeleýär. Beýleki bir tarapdan adam üçin durmuşda zerur bolan ahlak gymmatlyklaryň çeşmesi, erk-isleginiň kemala gelmegi, bilimleri ele almak, iş tejribesinde kämillige ymtylmak... bularyň ählisinde iň dogry ýoly salgy berip biljek dost kitapdyr. Pedagoglaryň aýtmagyna görä, çagada kitap okamaga söýgini okap-ýazyp başlan döwri däl, eýsem doglanyndan tä 6 ýaşa çenli aralykda döretmegiň möhümdigi bellenilýär. Biziň halkymyza mahsus bolan milli terbiýe mekdebiniň edim-gylymlaryndan ötri, häzirki çalt ösýän tehnologiýalar döwründe dogulýan çagalary kitap okamaga irki ýaşdan gyzykdyrmak has-da üns berilmeli mesele bolup durýar. Çünki dünýä ýüzünde bazar ykdysadyýetli döwletlerde bilim-intellektual bäsdeşliginiň dowam edýän döwründe zehinli çagalary, okamak bilen kämilleşýän ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek maşgalanyň paýyna düşýär.

Eýsem, çagada kitap okamak endigini kemala getirmek boýunça ene-atalar näme etmeli?!

●●● Amerikanyň Pediatriýa akademiýasy çagada kitap okamaga höwesi döretmek üçin enäniň heniz bäbekliginiň 6 aýyndan başlap, her gün kitap okap bermegi endik etmegini maslahat berýärler. Çaga irki ýaşdan kitap okap bermek bilen bäbek üçin iň ýakymly hem iň ynamdar sesiň enäniňkidigine ynanmaga başlaýar. Şu ýerden hem bäbegiň beýnisinde kitap baradaky düşünjäniň ilkinji uçgunlary peýda bolýar.



●●● Çaganyň kadalaşdyrylan gün tertibini düzmek bilen enäniň işiniň ýeňilleşýändigi tejribeler arkaly subut edilendir. Irki ýaşda çagalara okamagy söýdürmekde ýatmazyndan öň okap berilýän ertekiler möhüm ähmiýete eýe. Okap berilýän ertekiler onuň hyýaly güýjüni kemala getirýär.

●●● Kitabyň gahrymanlaryna degişli soraglary bermek 3-4 ýaş aralygynda çaganyň dili bilen özboluşly pikirlenmek ukyby hem kemala gelýär. Bu ýaşda hekaýanyň ýa ertekiniň az bölegini okap, şol bölege degişli soraglar bermek arkaly çagada gyzyklanma döretmek bolar. «Möjek oňa näme diýipdir?», «Indi towşanjyk näme ederkä?!» diýen ýaly çagany pikirlendirjek soraglar bilen ünsi özüňe çekmek zerurdyr.

●●● Maşgalada kitap okaýyş wagtyny gazanmak gerek. Çagalar gönüden-göni ene-atanyň edýän hereketlerini gaýtalamaga ymtylýar. Şonuň üçin ene-atalaryň günüň dowamynda peýdaly işler bilen meşgullanyp, kitap okamak üçin wagt aýyrmaklary çagada kitap okamak endigini döretmekde iň gowy göreldedir.

●●● Kitap dükanlaryna gezelenç ediň! Häzirki döwürde paýtagtymyzda açylýan söwda merkezlerindäki kitap dükanlarynyň köpelmegi kitap müşderileriniň hem artýandygyny görkezýär. Kitap dükanlarynda dürli dillerdäki kitaplaryň içinden islendik ýaşly çagalar üçin kitaplary tapmak bolýar. Çagalar bilen bilelikde bu ýerden ýygy-ýygydan söwda etmek olarda belli bir derejede kitaba bolan teşneligi oýarsa gerek.

●●● Çagalar üçin öýlerde kiçijik kitaphana döretmek geljekde olaryň täze kitaplary okamak bilen kitap sanyny artdyrmak islegini kemala getirmek mümkindir. Umuman, çagalaryň kitap okamagy endik etmekleri üçin hem-de olary kitaba gyzyklandyrmakda «kitabyňy oka», «okasaň, seni sylaglajak» diýlen jümlelere garanyňda, öý gurşawynda kitap okaýan ene-atanyň iň gowy görelde mekdebidigini bellemek gerek.

**Şirin ŞIRLYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.**

# ИНТЕРЕСНЫЕ ФАКТЫ О КНИГАХ

▲ Первые книги, судя по археологическим находкам, появились более двух тысяч лет назад. Они были изготовлены из дерева и воска.

▲ Существует ещё более древняя книга — рукопись Присса, которой около пяти с половиной тысяч лет. Она написана на папирусе.

▲ Всего на Земле около 130 миллионов книг. Имеется в виду количество произведений всех видов, а не экземпляров самих книг.

▲ Самая таинственая книга — рукопись Войнича. Этот средневековый манускрипт, судя по всему, описывающий какие-то растения, до сих пор не расшифрован. Он написан на несуществующем языке, и растений таких на Земле тоже, кстати, нет. До сих пор кипят споры о происхождении книги, и версии выдвигаются самые разные.

▲ «Лестерский кодекс» за авторством Леонардо да Винчи — одна из самых дорогих в мире книг. Она была продана Биллу Гейтсу на аукционе за фантастическую сумму в 24 млн долларов. Любопытен тот факт, что книга написана зеркально, то есть необходимо вооружиться зеркалом, чтобы её прочесть.

▲ В «Путешествии Гулливера» некоторые законы небесной механики, в частности, размеры спутников Марса и особенности их вращения вокруг материнской планеты были описаны за добрую сотню лет до того, как то же самое заявили астрономы. Вот такой вот таинственный факт.

▲ В книгах Шекспира слово «любовь» встречается почти ровно в десять раз чаще, чем слово «ненависть».

▲ У «Робинзона Крузо» есть продолжение. В нём описано приключение того же главного героя, который терпит очередное кораблекрушение, в результате чего оказывается вынужден долгие месяцы добираться домой по суше.

▲ За всё время существования печатного дела во всём мире было издано около двух миллиардов книг.

Первым литературным романом считается японская «Повесть о Гэндзи», написанная более тысячи лет назад.

▲ Самые плодовитый в мире автор — Барбара Картленд, публиковавшая в среднем по два новых романа в месяц.

**Подготовил Ашыр САПАРОВ, студент Международного университета гуманитарных наук и развития .**



# МЕЖДУНАРОДНЫЙ ДЕНЬ ДЕТСКОЙ КНИГИ

▲ Ежегодно 2 апреля, в день рождения великого сказочника из Дании Ганса Христиана Андерсена (Hans Christian Andersen), весь мир отмечает Международный день детской книги (International Children's Book Day). Его празднование установлено в 1967 году по инициативе и решению Международного совета по детской книге (International Board on Books for Young People, IBBY).

В этот день организаторы мероприятия, с особым энтузиазмом подчеркивая, что необходимо с малых лет читать хорошие книги, пропагандируют, тем самым, непреходящую роль детской книги в формировании духовного и интеллектуального облика новых поколений.

Надо сказать, что детская литература появилась сравнительно недавно. До середины XVII века детям в основном рассказывали сказки устно, или они читали примерно то же, что и родители, например, басни. Только в XIX веке они смогли читать специально для них написанные произведения, в частности — сказки братьев Гримм и Г.Х. Андерсена, который внес свой вклад в создание детской книги.

В настоящее время детская литература — это целое отдельное направление в литературе. Каждый год одно из Национальных отделений IBBY получает почетное право выступать международным спонсором этого замечательного праздника — Международного дня детской книги.

**Подготовила Дунягозел ХЕББИКУЛИЕВА, студентка ТНИМЯ имени Довлетмаммеда Азади.**

# ДЕНЬ ПРОГУЛКИ ПО ПАРКУ

Необычный и неофициальный праздник, но весьма актуальный для людей, живущих в бешеном ритме современного мира, – День прогулки по парку (Take a Walk in the Park Day) – отмечается ежегодно 30 марта.

Главная цель этого Дня, – конечно же, привлечение внимания всех городских жителей к такому обычному и, казалось бы, очевидному способу отдыха, как прогулка по парку.

Не секрет, что многие жители мегаполисов да и просто обычных городов не имеют возможности регулярно выезжать на природу или за город, чтобы отдохнуть и набраться сил и энергии на свежем воздухе. Для людей, проживающих в современном мире, объективная реальность задала очень высокие темпы жизни, что не может не сказаться на состоянии нервной системы и общем состоянии здоровья.

Прогулка в течение 30 минут в день, по мнению врачей, может иметь огромную пользу для здоровья – причем не только в плане сжигания калорий и снижения веса, но также повышения иммунитета, снижения риска ожирения, диабета 2 типа и некоторых видов рака. Она также поможет увеличить сердечную деятельность и снизить кровяное давление.

Кстати, по мнению британских врачей, нахождение на природе (и в частности, в парке) оказывает на организм человека восстанавливающее действие, которое невозможно сравнить с шоппингом или походом в кино.

Прогулки в парке, могут улучшить настроение и снизить стресс. Исследования показали, что люди, которые ходят пешком или гуляют в зеленых зонах, как правило, более счастливы, чем те, кто этого не делает.

Поэтому присоединяйтесь и вы к празднованию сегодняшнего здорового и энергичного Дня, ведь для этого нужно немногое – выбрать любимый парк и компанию.

**Подготовил Тахыр ГУЛМАММЕДОВ,**
**преподаватель ТСУ имени С.А.Ниязова.**

## ПРИТЧА О ГРАНИЦАХ СОЗНАНИЯ: МАТЕМАТИК ДЖОРДЖ ДАНЦИГ

Мотивирующая притча основана на реальных событиях, такой случай имел место в реальной жизни. Когда будущий математик Джордж Данциг был еще студентом, с ним произошла следующая история.

Джордж относился к учебе очень серьезно и часто засиживался до поздней ночи. Однажды он из-за этого немного проспал и пришел на лекцию профессора Неймана с 20-минутным опозданием. Студент быстро переписал две задачи с доски, полагая, что это домашнее задание. Задание было трудным, на их решение у Джорджа ушло несколько дней, он принес решение профессору.

Тот ничего не сказал, но через несколько недель ворвался в дом Джорджа в шесть утра. Оказалось, что студент нашел правильное решение двух ранее неразрешимых задач математики, о чем даже и не подозревал, так как опоздал на занятие и не слышал преамбулы к задачам на доске.

За несколько дней ему удалось решить не одну, а две задачи над которыми математики мучились тысячу лет, и даже Эйнштейн не смог найти им решение. Джордж не был ограничен славой этих задач как неразрешимых, он просто не знал, что это невозможно.

**www.elims.org.ua**

30 МАРТА 1796 г.

## КАРЛ ГАУСС ДОГАДАЛСЯ, КАК ПОСТРОИТЬ ПРАВИЛЬНЫЙ 17-УГОЛЬНИК

В 1796 году Карл Фридрих Гаусс, учащийся первого курса Геттингенского университета, решил задачу, перед которой математическая наука пасовала более двух с лишним тысяч лет.

Несмотря на то, что еще древними греками были найдены способы построения с помощью только лишь циркуля и линейки правильных многоугольников с числом сторон 3, 4, 5, 15, а также с числом сторон, большим в 2 раза, в отношении прочих правильных многоугольников царила полная неизвестность.

И вот именно в этот день будущий «король математиков» Гаусс догадался, как построить правильный 17-угольник, кстати, также, с помощью циркуля и линейки.

Это открытие стало поворотным пунктом в его жизни: ранее колебавшийся между филологией и математикой, теперь он твердо решил посвятить себя последней. Кстати, он завещал изобразить 17-угольник на своем надгробии. Впоследствии скульптор отказался это сделать, утверждая, что построение будет настолько сложным, что результат нельзя будет отличить от окружности.

Впервые построение правильного 17-угольника было опубликовано фон Пфейдерером в 1802 году. А в 1825 году Йоханнес Эрхингер опубликовал подробное описание построения правильного семнадцатиугольника в 64 шагах.

**www.calend.ru**

# ИНТЕРЕСНОЕ В МИРЕ

## СЕМИЛЕТНЯЯ ОПЕРНАЯ ПЕВИЦА

Семилетняя американка Виктория Бринкер стала самой молодой в мире оперной певицей, сообщается на сайте Книги рекордов Гиннесса.

Девочка из Пенсильвании установила рекорд, она в 7 лет и 314 дней исполнила партию в опере «Огни и легенды» в Питтсбургском театре, сорвав овации зрителей. По словам Виктории, тяга к музыке у нее появилась с пеленок.

«Я рано заговорила и начала петь уже в два года. Я всегда пела», – отметила рекордсменка.

С оперой девочка познакомилась в шестилетнем возрасте, ее привлекла техника певцов и различные аранжировки.

«Мне нравятся сложные аранжировки, техника, необходимая для пения, разные языки, на которых написаны все арии», – заявила американка.

Виктория пока не решила, станет ли опера делом всей ее жизни или это просто временное хобби.

Ранее сообщалось, что семилетний спортсмен из Таджикистана совершил 5 200 отжиманий от пола без отдыха и попал в Книгу рекордов Гиннесса.

## ШЕСТИЛЕТНИЙ ШАХМАТНЫЙ ВУНДЕРКИНД

Шестилетний шахматный вундеркинд из Томска Дима Крымский теперь гроза девятилетних мальчишек. Старшие побаиваются садиться с ним за одну доску. Почему – знает корреспондент «МИР 24» Роман Бирюков.

Шестилетний победитель ковыляет до пьедестала почета. Теперь его в прямом смысле слова носят на руках. Он сам дошел до победы, несмотря на сломанную ногу. Для детсадовца Димы Крымского из Томска это первый успех такого уровня. Теперь он победитель первенства Сибирского федерального округа.

«Я занял первое место. Выиграл восемь, одну партию проиграл», – поделился юный шахматист.

Но, кажется, это только начало истории. В июне стартует первенство России и Дима – один из его участников. Если победит, то спортивным функционерам придется попотеть, переписывая регламенты.

**www.mir24.ru**

# ПРЕДСТАВЛЕН ОФИЦИАЛЬНЫЙ МЯЧ ЧЕМПИОНАТА МИРА-2022 ПО ФУТБОЛУ

Компания Adidas представила новый мяч Al Rihla, который станет официальным для участников чемпионата мира-2022 в Катаре.

Он рассчитан на максимальную скорость игры, поскольку в полете он движется быстрее, чем любой другой мяч в истории турнира. Об этом сообщается на официальном сайте ФИФА.

Не забыли создатели и об экологичности: Al Rihla — первый мяч для чемпионата мира по футболу, изготовленный исключительно с использованием чернил и клея на водной основе. Мяч сделан по технологии термосшивки (термосклеивания) панелей, благодаря которой результаты тестов мяча на поглощение влаги и сферичность показывают значения, намного превосходящие самые строгие требования ФИФА.

Al Rihla означает «путешествие» на арабском языке и вдохновлен культурой, архитектурой, культовыми лодками и флагом Катара. В ближайшее время состоится официальная представление, в которой примут участие Икер Касильяс, Кака, Фарах Джефри и Нуф Аль-Анзи.

Определились 27 из 32 участников финальной стадии чемпионата мира по футболу 2022 года, который пройдет в Катаре с 21 ноября по 18 декабря.




**Подготовил Аймырат СЕЙИТГУЛЫЕВ,
спортивный обозреватель.**

# DÜNÝÄNIŇ HINDI GÖZELLERI



Reýta Fariýa



Aýşwariýa Raý



Diana Heýden



Ýukta Muki



Priýanka Çopra



Manuşi Çhillar

● **Biziň ählimiz «Dünýä gözeli» derejesini alan hindi gyzlary diýlende, ilkinji nobatda, «Bolliwudyň» parlak ýyldyzy Aýşwariýa Raýy göz öňüne getirýäris. Hindi gözelleriniň arasynda bu derejä mynasyp bolan zenanlar başga-da bar. «Dünýä gözelleriniň» sany boýunça Hindistan Wenesuela bilen birinji orny paýlaşýar.**

**1966 – REÝTA FARIÝA**

●●● Reýta «Dünýä gözeli» derejesine eýe bolan ilkinji hindi gyzy. 23 ýaşynda dünýäniň iň owadan gyzy diýlip ykrar edilen Reýta artist, model bolmakdan ýüz öwrüp, edil ýanýoldaşy ýaly, ömrüni lukmançylyga bagyşlapdyr.

**1994 – AÝŞWARIÝA RAÝ**

●●● Häli-häzire çenli Aýşwariýany Ýer togalagynyň iň owadan zenanlarynyň biri hasaplaýarlar. 21 ýaşynda gazanan bu ýeňşinden soň ol aktrisa we model hökmünde şowly ädimleri ätdi. Diňe bir Hindistanda däl, eýsem, bütin dünýäde onuň millionlarça muşdagy bar. Ol «Bolliwud», «Golliwud» ýaly iri kinoindustriýalaryň meşhur wekilidir.

**1997 – DIANA HEÝDEN**

●●● Haýdarabat şäherinde iňlis-hindi maşgalasynda doglan Diana Heýden ilkibada jemgyýetçilik ulgamynda işleýär. 24 ýaşynda dünýä gözeli bolan Diana täji indiki ýeňijä geçirensoň, Beýik Britaniýanyň Korollyk drama sungaty akademiýasyna okuwa girýär. Ol «Gözellik gollanmasy» atly kitabyň awtorydyr.

●●● **1999 – ÝUKTA MUKI**

Ýukta Muki 20 ýaşynda «Dünýä gözeli» derejesine eýe bolansoň «Talliwudyň» we «Bolliwudyň» filmlerinde surata düşýär. Kinodaky ädimleri şowlamansoň, 2004-nji ýylda jemgyýetçilik we haýyr-sahawat işleri bilen meşgullanyp başlaýar.

●●● **2000 – PRIÝANKA ÇOPRA**

Priýanka Çopra «Dünýä gözeli» derejesini bary-ýogy 18 ýaşynda alýar. Bu ýeňiş onuň kinonyň şowhunly dünýäsindäki şowly gadamlarynyň başlangyjyny goýýar. Priýanka aktýorçylyk we aýdym aýtmak ussatlygy bilen diňe bir Hindistanda däl, eýsem, onuň çäginden daşarda hem diýseň meşhurdyr.

●●● **2017 – MANUŞI ÇHILLAR**

20 ýaşynda Hindistana «Dünýä gözeli» täjini altynjy gezek getiren Manuşi Çhillardan bäsleşikde: «Iň uly zähmet hakyny kime bermeli?» diýip soranlarynda: «Eneler iň uly söýgä we hormata mynasyp. Olar öz çagalary üçin diýseň köp zatlary pida edýärler. Şonuň üçinem eneleriň yhlasy iň uly haka we hormata mynasyp hasaplaýaryn» diýip jogap bermek bilen hemmelerde uly täsir galdyrypdy.

**Mähriban HUDAÝGULYÝEWA,**
**Türkmenistanyň DIM-niň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**talyby.**

# МУДРОСТЬ ИЗ ИНДИИ

● **Индия – это не только огромная страна, — это также колыбель одной из древнейших человеческих цивилизаций. Хотя для европейцев современная Индия больше всего известна по Болливуду (аналог американского Голливуда), йоге, Тадж-Махалу, сари, — отдельного внимания заслуживает и ее многовековая мудрость. В сегодняшней статье мы поделимся с вами самыми популярными индийскими пословицами и поговорками.**

Давать советы глупцу – только злить его.

Даже тот, кто далеко, стоит рядом, если он в твоем сердце; даже тот, кто стоит рядом, далек, если твои мысли далеки от него.

Дерево узнают по плодам.

Думай при каждом пробуждении: «Какое добро совершить мне сегодня? Ведь зайдет солнце и унесет с собой часть моей жизни».

Знание – это добро, которому не страшна кража, ни вору, ни царю его не отобрать.

Каждый гордится своей шкурой.

Молчание – половина согласия.

На своей улице и собака – тигр.

Не берись ни за какие дела — вот первый признак мудрости. Взявшись же за дело, доводи его до конца — вот второй признак мудрости.

Не будь сладок – иначе тебя съедят. Не будь горек – иначе тебя выплюнут.

Не обращай внимания на взгляд свысока, тяжелую чалму и людскую молву.

Не хвались, собравшись идти, а хвались на обратном пути.

Нет ничего благородного в чувстве превосходства над другими, истинное благородство заключено в превосходстве над самим собой.

Победить самого себя — это лучшее средство для того, чтобы не быть побежденным.

Пошла ворона лебединой поступью и забыла, кто она есть.

Проглотить слона, но не решаться проглотить хвост.

Свой ум и чужое богатство всегда сильно преувеличивают.

Сказанное слово становится чужим.

Счастливому все счастливыми кажутся.

Травинки, сплетенные в канат, могут слона связать.

Умному – поклон, глупому – пощечина.

Чтобы простить врага, надо сначала ранить его.

Чтобы управлять собой, используй свою голову. Чтобы управлять другими, используй свое сердце.

Шакал, хоть львиной шкурой накроется, львом не станет.

**www.sebweo.com**

# HINDI ÝYLDYZLARY MODA ÄLEMINDE

**● Hindistanly meşhurlar modany we stili wagyz edijiler hasaplanyp, sungatyň muşdaklarynyň millionlarçasy üçin nusga bolup gelýärler. Käbir ýyldyzlaryň şol bir wagtda özleriniň moda önümleriniň bardygyny bilýärdiňizmi?**

Ajaýyp **Madhuri Dikşit Nene** bedenterbiýäni we tansy giňden goldaýar. Ol ähli sportsöýüjiler, tansçylar, bedenterbiýe bilen meşgullanýan türgenler üçin aýratyn eşikler toplumyny hödürledi. Aktrisa adamsy Şriram Nene bilen bilelikde «Madz» ady bilen egin-eşikleriň täze tapgyryny döretdi. Kolleksiýadaky ähli görnüşler Madhuriniň «Bolliwud»-daky tejribesnden ylham aldy. Onuň halkyň öňüne hödürleýän geýimleriniň her biri jikme-jik öz hekaýasyny gürrüň berýär.

Aktýor **Şahid Kapur** diňe bir janlandyrýan keşpleri bilen däl, eýsem özüniň «Skult» brend markasynyň eýesi hökmünde-de halkyň ünsüni özüne çekýär. Onuň bu markasy häzirki wagtda dünýäniň ähli ýerlerinde diýen ýaly giňden tanalýar. Şahid Kapuryň muşdaklary muňa höwes bildirýärler. Bu marka ýaşlaryň arasynda meşhurlyga eýedir.

**Malaýka Arora Khan, Bipaşa Basu we Sýuzana Khan.** Malaýka Arora – ajaýyp moda nyşany bolup, özüniň «Turquoise & Gold» moda egin-eşikleri satmaga niýetlenen internet dükanyny açdy. Birnäçe wagtdan soňra «Bolliwud»-yň ýyldyzlary Bipaşa Basu, Sýuzana Khan bilen täze «The Label life» brend stiline goşuldy. Bu internet dükanynda sanly ulgamyň mümkinçilikleri giňden ornaşdyrylyp, ondan netijeli peýdalanmaga amatly şertler döredilipdir. Onuň müşderileri dükanyň eltip bermek hyzmatyndan hem giňden peýdalanýarlar.

**Mährijemal HALLYÝEWA,**
**«Diýar» žurnalynyň**
**uly edebi işgäri.**









# HINDISTANYŇ DÄPLERI WE ADATLARY

● Hindistanyň medeniýeti dünýä ýüzünde iň gadymy medeniýetleriň biri hökmünde tanalýar. Häzirki wagtda Hindistan kuwwatly we köp medeniýetli jemgyýet bolup durýar. Sebäbi ol köpsanly medeniýetleri özünde jemleýär. Ol ýeriň ýaşaýjylary häzirki güne çenli ahlak gymmatlyklaryny saklap, adatlara görä baýramçylyklary belleýärler.

Hindistan tagamlaryň dürli görnüşlerine baý bolan ýurtlaryň arasynda tanalýar. Ol ýeriň bugdaý, basmati tüwüsi we çanaly noýbalary hindi aşhanasynyň wajyp önümleri bolup durýar. Hindi tagamlary kurkuma, guradylan ajy burç, dalçyn we beýlekiler bilen baýlaşdyrylypdyr.

Hindistanyň binagärligi we sungaty barada aýdanymyzda, Täç-Mahal binagärligi uly meşhurlyga eýedir. Bu ajaýyp binagärligi Beýik Mogollaryň imperatory Şah Jahan özüniň üçünji aýaly Mumtaz Mahalyň şanyna gurdurypdyr. Ol özünde yslam, pars, türk we hindi binagärlik biçüwlerini jemleýär. Şeýle hem Hindistanda köpsanly gadymy ybadathanalar bar.

Mundan başga-da, Hindistan «Bolliwud» diýip atlandyrylýan kinoindustriýasy bilen hem meşhurdyr.

Egin-eşikleri barada aýdanymyzda, zenanlaryň geýýän dürli reňkli ýüpek sarileri diňe Hindistanda däl-de, eýsem dünýäniň ähli künjeklerinde uly meşhurlyga eýe. Biliň we aýaklaryň töwereginde daňylan tikilmedik mata bölegi bolan «dhoti» erkekler üçin däp bolan geýim bolup durýar. Şeýle-de, erkekler dyza çenli geýilýän erkin köýnek bolan «kurte» geýýärler.

Diwali Hindistanyň iň uly we iň wajyp festiwaly bolup durýar. Bu olary ruhy tümlükden goraýan, içki ýagtylygy görkezmek üçin baýramçylyk wagtynda ýakylýan otlardan düzülen «otlaryň festiwaly» ady bilen meşhur bolan bäş günlük baýramçylyk. Holi başgaça söýgi festiwaly diýlip atlandyrylýan reňkleriň festiwaly.

Hindistan – tutuş Aziýada iň täsin ýurtlaryň biridir.

**Jahan SÖÝÜNOWA,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş**
**institutynyň mugallymy.**



# BIZIŇ ÝUNUSYMYZ




▲ Bu gün sähra dymmak üçin ant içen adama çalym edýär. Ýaýylyp ýatan barlyk göýä alp kişileriň hormatyny saklaýan ýaly. Hat-da ataşda köwsarlaýan odunlaram töwereginde döwre gurap oturan kişileriň mesawy gürrüňlerini bölmezlik üçin sessiz-sedasyz alawlaýar. Ýunus oduň öz ahwalyna çalymdaş halda elewreýän ýalnyndan öň hiç haçan duýmadyk bir syrly ýakymy duýdy. Bu ýakym indi ençe gündür şöwür çekip ýörmeginiň sebäbini bilýändigi üçin onuň süňňüne siňip barýan ýalydy. Agşamyň golaýlamagy ony hasam hopukdyrdy. Öten ýedi günüň her agşamynda bir weliniň dilegi bilen supra bereket eçilipdi. Bu gün bolsa gezek Ýunusyň özüniňkidi. Howy basmarlanan ýigit gollaryny açyp, köňül töründen dileg etmäge durdy:

— Eý, Biribar, bu kişiler kimiň hormatyna dileg edýän bolsalar, şonuň hormatyna-da supramyza bereket ber! Olaryň ýanynda meni utandyrma!

Göge göterilen gollaryň dilegi boş galmady. Dilegler keremli dergähde ýer alyp, sähra mediwanlarynyň suprasyny naz-nygmatdan doldurdy. Ýedi weli göwnühoş halda Ýunusa sowal berdi:

— Kimiň hormatyna dileg etdiň?!

Ýalan sözlemek onuň başarnygyndan has ýokardaky ukyp bolansoň, ol sowala sowal bilen jogap berdi:

— Siz kimiň hormatyna dileg etdiňiz?

Ol keremli ynsanlaryň dileglerini bereketlendiren kişini çyny bilen tanamak isledi. Onuň tanamak islegi ýöne bir gyzyklanma däldi. Özüni halas eden kişä hoşallygyň alamatydy.

Hümmetli kişiler:

— Biz Tapdyk ussadyň gapysynda otuz ýyl hyzmat edip, wepadarlyk görkezen asylzadanyň hormatyna dileg etdik — diýip, jogap berdiler...

«Dil — ýüregiň açary». Hümmet eýeleriniň sözi Ýunusyň otuz ýyl hyzmatda durup, ýegşeren ýagyrnysyna däl, göni ýüregine tokundy. Mejalyny ebşitledi. Öýke-kine zerarly baslygan söýgüsine täzeden jan berdi. Halypasynyň huzuryna howlukdyrdy. Zybanyna gazal berdi:

**— Şeýh-u, danyşmend-u weli, jümlesi birdir, er ýoly,**
**Ýunusdyr derwüşler guly, Tapdyk kibi serweri bar.**

Indi goja Tapdygyň gözleri görmekden galypdy. Ol daşaryk şägirtleriniň hemaýaty bilen çykýardy. Halypasynyň ýagdaýyna Ýunusyň ýüregi awady. Ol ussadynyň huzuryna dolanmasyna dolandy-da, onuň alnynda niçiksi durmagyň ebeteýi hakynda köp oýa batdy. Ýunus derhal baryp, näler özüni bagyşladasy gelýärdi, ýöne welin ussadyň köňlünde nämäniň bardygy nämälimdi. Şonuň üçinem ol çekinýärdi, ýygrylýardy. Emma çekineniň bilen iş bitip, ünjiň kemelýärmi näme?! Diňe wagtyň deňiňden geçip gitmegine meýletin ýol bereniň galýar. Şonsuzam wagtyň iň seresaply adamy hem ahmala salyp, puryjasyny elinden gaňryp alýandygy mälim ahyry.

Ýunus Aksaraý iline baryp, halypasyna ýakyn bolan şägirde sygyndy. Ondan dalda isledi. Sadyk şägirt şeýle diýdi:

— Tapdyk säher bilen tagat-ybadatyny berjaý etmek üçin daşaryk çykar. Sen onuň işigindäki sekiniň üstünde ýatyber. Ussat hökman duýar hem-de ol ýerde kimdir biriniň bardygyny gürrüňsiz sorar. Men ol kişiniň sendigiňi aýan ederin.

Ýunus:

— Onsoň ol meni bagyşlarmy? — diýdi.

— Entek sözümiň soňuna gulak goý. Men hormatlymyza işikde tükge düşüp ýatanyň Ýunusdygyny aýdaryn. Şonda ol: «Haýsy Ýunus?» diýse, bil ki köňlünden çykmyşsyň. «Biziň Ýunusymyzmy?» diýip sowal berse, seniň tagallaň myradyna gowuşdygydyr. Ondan aňyrsyny öwretmek bizlik däl, byradarym.

Köňül bermek, köňülde galmak, köňül bilen galmak — bu närseler Ýunusa aýan zatlar ahyry. Meger, ol bu ýoluň içdedigini bilensoň, «Dogry gelen keýigiň iki gözünden başga aýby ýok» eden däldir. Muňa sebäp juda kän. Olaryň ählisine düşünmek üçin, iň bolmanda, Ýunusyň ýüreginiň üçden biriçe ýüregiň bolmaly. Onuň ylmynyň 10-dan biriçe ylmyň bolmaly. Iň bolmanda, onuň söýgüsiniň saýasy üstüňe düşmeli. Öz sözleri bilen aýtsaň:

**— Geliň, tanyşlyk edeliň, işiň golaýyn tutalyň,**
**Söýeliň, söýüleliň, dünýä kimseýe galmaz —**

diýip bilýän kämil ynsan bolmaly. Asyl-ha, Ýunusyň özi bolmaly...

Aýdylyşy ýaly, Tapdyk hezretleri säher bilen daşaryk çykdy. Şo-ol sypaýy şägirt bolsa onuň goltgyçysydy. Mürşidi-kämil bir ädim ädip-ätmänkä kimdir biriniň bardygyny duýdy. Gözleri batyl ussat:

— Bu kim? — diýip, şägirdinden sorady.

— Ýunus!

Goja Tapdyk şägirdine ýene sowal berdi:

— Biziň Ýunusymyzmy?

— Hawa, biziň Ýunusymyz!

***

Köňülbirlik üýtgeşik zat. Onda-da halypa-şägirdiň köňülbirligi. Ol kämilligiň müňlerçe sütüniniň biri. Bu ýolda Ýunus Emreden — biziň Ýunusymyzdan öwrenere-alara näçe diýseň ybrat bar.

**Gurbanjemal ANNAKOWA,**
**«Adalat» gazeti.**

# BAGLAR – ZEMINIŇ ÖÝKENI

